# Soňky elli ýylda iki million adam tebigy heläkçilikde aradan çykdy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025

Soňky elli ýylda iki million adam tebigy heläkçilikde aradan çykdy BÜTINDÜNÝÄ METEOROLOGIÝA GURAMASY: SOŇKY ELLI ÝYLDA IKI MILLION ADAM TEBIGY HELÄKÇILIKLER ZERARLY ARADAN ÇYKDY




*1970-nji ýyldan bäri «iň garyp gatlaklara zyýan ýetirip gelen» 11 müň 778 sany uly apy-tupanlaryň bolup geçendigi mälim edildi.*
*Suw-sil joşgunlaryndan, güýçli ýellerden we tokaý ýangynlaryndan gelip çykan maddy zyýan şol ýyldan bäri sekiz esse artyp, 4,3 trillion dollara ýetdi (AP).*

Bütindünýä Meteorologiýa (World Meteorological Organisation/WMO) soňky elli ýylda aşa howa şertleri, klimat we suw bilen baglanyşykly hadysalar sebäpli iki million adamyň wepat bolandygyny mälim etdi.

WMO-nyň baş sekretary 1970-nji ýyldan bäri 11 müň 778 sany uly tebigy heläkçiligiň hasaba alynandygyny we bu heläkçilikleriň

«iñ garyp gatlaklara zyýan ýetirendigini» nygtap, şeýle hadysalaryň yzyndan mälim edilen ölümleriň 90%-den gowragyngň ösüp barýan ýurtlarda bolýandygyny aýtdy.
Suw-sil joşgunlaryndan, güýçli ýellerden we tokaý ýangynlaryndan gelip çykan maddy zyýan şol ýyldan bäri sekiz esse artyp, 4,3 trillion dollara ýetdi.




*Ýangyn söndürijiler maý aýynda Italiýanyň Kastel-Bolonýeze obasynda üstüni suw basan garryny halas edýär (AP).*
WMO wagtyndan öň duýduryjy sistemalaryň we tebigy heläkçilik boýunça işleriň kämilleşdirilmegi bilen şol wagtdan bäri ölenleriň sanynyň ep-esli azalandygyny aýdýar.
WMO-nyň üsti ýetirilen Howa, klimat, suw kadadan çykmalaryndan gelip çykan ölümler we maddy ýitgiler atlasynda analiz edilen 1970-2021-nji ýyllar aralygynda ABŞ-nyň bir özüniň ýitiren 1,7 trillion dollary bolup geçen maddy ýitgileriň 39%-ne deň gelýär.
Beýleki bir ýandan WMO ösmedik ýurtlar bilen ösüp barýan ownuk ada döwletleriniň ykdysadyýetleriniň ululygy möçberinde ummasyz köp zyýana goýýandygyny belläp geçdi. Eýýämden 2019-njy ýyla çenli döwri öz içine alýan Atlasa 2020-nji we 2021-nji ýylyň maglumatlary-da goşuldy.




*ABŞ-nyň Ýuta ştatynyň Sirakýus şäheriniň golaýyndaky Uly Duz kölünde suwuň azalandygy sebäpli Antelipa adasynyň marinasy gurap, jaýryk atyp ýatyr (AP)*

Soňky iki ýyldaky 22 müň 608 ölüm wakasy bilen adam pidalary azalyp barýanam bolsa, köpüsi gaý-tupanlar bilen baglanyşykly maddy ýitgiler artýar.

WMO-nyň baş sekretary professor Petteri Taalas «Gynansak-da, howa, klimat, suw bilen baglanyşykly howp-hatarlaryň agramyny iň garawsyz jemgyýetler çekýär» diýýär.

Iňňän gazaply siklonik harasat bolan Mokka muňa bir mysal. Harasat Mýanmarda, Bangladeşda giň möçberli weýrançylyga getirip, garyp gatlaklaryň ýagdaýyny öňküsindenem beter güne saldy. Ondan öňem Mýanmarda, Bangladeşlerde on müňlerçe, hatda ýüz müňlerde adam wepat bolupdy.




*Şu ýylyň maý aýynda gaý-tupanyň giň möçberli weýrançylyga ýol açan ýeri bolan Bangladeşiň Koks-Bazar şäherindäki San-Martin adasynda bir aýal Mokka tüweleýiniň öýüne ýetiren zyýanyny hasaplaýar (AP)*

Wagtyndan öň berilýän duýduryşlar we tebigy betbagtçylyklar boýunça degişli gulluklaryň edýän işleri netijesinde pajygaly ölümler minimal derejede azaldy. Wagtyndan öň berilýän duýduryşlar adamlaryň janyny halas edýär.

Dünýä boýunça mälim edilen ähli ölümleriň 47%-i (1 milliona golaýy) Aziýada bolup geçdi, tropikal siklonlar bu ölümleriň belli-başly sebäpleriniň biri.

Bangladeş 281 tebigy heläkçilikden gelip çykan 520 müň 758 ölüm bilen Aziýada iň köp adam pidasyny beren ýurt.

Ýewropada 1784 tebigy heläkçilikde 166 müň 492 adam wepat bolup, bu san dünýä derejesinde hasaba alynan ölümleriň 8%-ne deň gelýär.




*2021-nji ýylda Türkiýede ýüze çykan tokaý ýangynyndan gaçyp barýan biri. Dünýä boýunça mälim edilen adam pidalarynyň 8%-i Ýewropada bolup geçdi (AFP)*

Habar berlen adam pidalarynyň sebäbi jokrama yssylar, maddy ýitgileriň esasy sebäbi bolsa siller boldy.

Wagtyndan öň duýduryjy abzallaryň 2027-nji ýyla çenli ýer ýüzünde ýaşaýan hemmelere elýeterli edilmegini isleýän WMO muny tizleşdirmek üçin 22-nji maýda geçirilmegi meýilleşdirilýän Bütindünýä Meteorologiýa kongresiniň öňüsyrasynda toplan maglumatlaryny çap etdi.

BMG-nyň şahamçalary, ösüş bamklary, hökümet ýolbaşçylary, wagtyndan öň berilýän duýduryşlaryň köpçülige ýetirilmegine jogapkär meteorologiýa we gidrologiýa hyzmatlaryndan wekiller gelip, bir hepdäniň dowamynda Şweýsariýanyň Ženewa şäheronde maslahat ederler.

Birleşen Korollygyň hem agzasy bolan Kongres BMG-nyň «Hemmeler üçin wagtyndan öň duýduryşlar» meýilnamasynyň şu ýylky möhüm strategiki işleriniň biridigini nygtady.




Tara KOBHEM,
iñlis žurnalistkasy.
Duşenbe, 22.05.2023 ý. Publisisistika